#129 (151)
среда, 14 июня 2023 года

Интернет газета
Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана

# WENGRIÝANYŇ PREMÝER-MINISTRINIŇ ÝURDUMYZA RESMI SAPARY



***9-njy iýunda paýtagtymyzda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bilen ýurdumyza resmi saparda bolan Wengriýanyň Premýer-ministri Wiktor Orbanyň arasynda gepleşikler geçirildi.***

Irden Wengriýanyň Hökümet Baştutany Türkmenistanyň Prezidentiniň «Oguz han» köşkler toplumyna geldi. Bu ýerde merkezi girelgäniň öňünde Premýer-ministr Wiktor Orbany hormatly Prezidentimiz mähirli garşylady.

«Oguz han» zalynda belent mertebeli myhmany resmi garşylamak dabarasy boldy.

Hormat garawulynyň serkerdesi dabaraly hasabat berenden soň, Wengriýanyň we Türkmenistanyň Döwlet senalary ýaňlandy. Hormatly Prezidentimiz we Premýer-ministr Hormat garawulynyň esgerleriniň nyzamynyň öňünden geçip, Türkmenistanyň Döwlet baýdagyny sarpaladylar. Soňra döwlet Baştutanymyz we belent mertebeli myhman iki ýurduň resmi wekiliýetleriniň agzalary bilen tanyşdylar.

Türkmenistanyň hem-de Wengriýanyň Döwlet baýdaklarynyň öňünde resmi surata düşmek dabarasy tamamlanandan soň, hormatly Prezidentimiz bilen Premýer-ministriň arasynda ikiçäk gepleşikler geçirildi.

Döwlet Baştutanymyz söwda-ykdysady ulgamy hyzmatdaşlygyň esasy ugurlarynyň biri hökmünde kesgitläp, 2022-nji ýylyň jemleri boýunça özara haryt dolanyşygynyň ep-esli artandygyny kanagatlanma bilen belledi. Türkmenistan ykdysadyýetiň dürli ulgamlarynda Wengriýa bilen köp derejeli hyzmatdaşlyga gyzyklanma bildirýär. Ýangyç-energetika toplumy, ulag, senagat kooperasiýasy, dokma senagaty, oba hojalygy we beýleki pudaklar gatnaşyklaryň geljegi uly ugurlarynyň hatarynda görkezildi.

Gepleşikleriň dowamynda türkmen-wenger hyzmatdaşlygynyň giň ugurlary boýunça pikir alşyldy.

Soňra gepleşikler giňişleýin düzümde, iki ýurduň resmi wekiliýetleriniň agzalarynyň gatnaşmagynda dowam etdi. Söwda-ykdysady gatnaşyklar ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň möhüm ugrudyr. Hususan-da, energetika, ulag, derman senagaty, dokma senagaty, oba we suw hojalygy, maýa goýum işi ýaly geljegi uly ugurlarda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak zerurdyr.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan tebigy gazyň gorlary boýunça dünýäde dördünji orny eýeleýär. Şunuň bilen baglylykda, bu ulgamda özara bähbitli hyzmatdaşlygyň mümkinçiliklerine garamagyň maksadalaýykdygy bellenildi. Türkmenistan bu ulgamda wenger kärdeşleriniň anyk tekliplerine garamaga taýýardyr. Ulag ulgamy hem hyzmatdaşlygyň derwaýys ugurlarynyň hatarynda görkezildi.

Senagat kooperasiýasy hem özara gatnaşyklaryň ileri tutulýan ugry bolup durýar. Wengriýa ösen senagat-önümçilik kuwwaty, uly tehnologik mümkinçilikleri bolan döwletdir.

Medeni-ynsanperwer ulgam hem ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň wajyp ugry bolup durýar. Geljek ýylda türkmen nusgawy şahyry we akyldary Magtymgulynyň doglan gününiň 300 ýyllygy giňden belleniler. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz wengriýaly dostlarymyzy toý dabaralaryna gatnaşmaga çagyrdy.

Döwlet Baştutanymyz bilim ulgamynda hyzmatdaşlyk meselesine degip geçip, Wengriýanyň adyna onuň öňdebaryjy ýokary okuw mekdeplerinde ýaş türkmenistanlylaryň bilim almagyna döredilen mümkinçilik üçin hoşallyk bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz çykyşynyň ahyrynda Türkmenistanyň giň ugurlar boýunça ikitaraplaýyn gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmäge gyzyklanma bildirýändigini ýene-de bir gezek tassyklady.

Premýer-ministr Wiktor Orban iki halkyň taryhy-medeni umumylygynyň netijeli wenger-türkmen gatnaşyklarynyň ygtybarly esasydygyny belledi.

Belent mertebeli myhman energetika ulgamyny ykdysady hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ulgamlarynyň hatarynda görkezdi. Şunda Wengriýanyň Hökümetiniň Baştutany hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň bu ugurda özara bähbitli gatnaşyklary ýola goýmak hem-de degişli meseleleriň çözgütlerini işläp taýýarlamak baradaky tekliplerini goldaýandygyny aýtdy. Şeýle-de Wengriýa Türkmenistan bilen ykdysadyýetiň beýleki pudaklarynda hyzmatdaşlyk etmäge, bar bolan mümkinçiliklerini we tehnologiýalaryny teklip etmäge taýýardyr.

Premýer-ministr Wiktor Orban ynsanperwer ulgamda gatnaşyklar meselesine degip geçip, öz ýurdunyň ýokary okuw mekdeplerinde türkmen talyplarynyň bilim alýandyklaryna örän şatdyklaryny belledi. Dostlukly döwletiň Hökümetiniň Baştutany hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň birinde wenger dilini öwretmek hem-de özara Medeniýet günlerini geçirmek baradaky tekliplerine ýokary baha berdi.

Premýer-ministr Wiktor Orban geçirilen gepleşikleriň üstünlikli bolandygyny nygtap, hormatly Prezidentimize Wengriýa sapar bilen gelmek baradaky çakylygyny ýene-de bir gezek beýan etdi.

Giňişleýin düzümdäki gepleşikler tamamlanandan soň, ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek dabarasy boldy.

Resminamalara gol çekmek dabarasy tamamlanandan soň, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we Premýer-ministr Wiktor Orban köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekillerine ýüzlenme bilen çykyş etdiler.

Şol gün Wengriýanyň Hökümetiniň Baştutany Aşgabadyň günorta böleginde ýerleşýän Türkmenistanyň Garaşsyzlyk binasyna gül dessesini goýdy. Asylly däbe görä, Premýer-ministr Wiktor Orban bu ýerde türkmen-wenger dostlugynyň aýdyň nyşany hökmünde bag nahalyny oturtdy.

Hormatly Prezidentimiz Wengriýanyň Premýer-ministriniň hormatyna resmi günortanlyk naharyny berdi.

Döwlet Baştutanymyz we wenger Hökümetiniň Baştutany birek-birek bilen mähirli hoşlaşyp, Aşgabat duşuşygynyň netijelerine kanagatlanma bildirdiler.

Soňra Wengriýanyň Premýer-ministri Wiktor Orban paýtagtymyzyň Halkara howa menziline bardy we Aşgabatdan ugrady.

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET HOWPSUZLYK GEŇEŞINIŇ MEJLISI

***7-nji iýunda Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Mejlisiň gün tertibine harby we hukuk goraýjy edaralarda şu ýylyň bäş aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, Garaşsyz ýurdumyzda howpsuzlygy we asudalygy üpjün etmek, degişli edaralaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, olaryň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmek bilen bagly meseleler girizildi.***

Ilki bilen, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri, Baş prokuror, içeri işler ministri, Ýokary kazyýetiň başlygy, milli howpsuzlyk ministri ýolbaşçylyk edýän düzümlerinde 2023-nji ýylyň bäş aýynda ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdi.

Olaryň hasabatynda milli goşuny döwrebap tehniki serişdeler bilen üpjün etmek, harby gullukçylary Ýaragly Güýçlerden boşatmak we Türkmenistanyň raýatlaryny harby gulluga çagyrmak, hereket edýän kanunçylygyň berjaý edilişine gözegçilik etmek babatda alnyp barylýan işler barada habar berildi. Awtomobil ýollarynda ulaglaryň gatnawlaryny kadalaşdyrmak boýunça görlen çäreler, ýangyn howpsuzlygyna gözegçilik edýän ýörite müdirlik tarapyndan geçirilýän işler barada hem aýdyldy. Kazyýet ulgamyny kämilleşdirmek boýunça ýerine ýetirilen toplumlaýyn işler, düzümlerde işiň döwrebap usullarynyň we innowasion tehnologiýalaryň ulanylyşy barada hem durlup geçildi. Suw çiliminiň we elektron çilimleriň ýurdumyza bikanun getirilmegine hem-de ulanylmagyna garşy göreşmek boýunça harby we hukuk goraýjy edaralar bilen bilelikde ýerine ýetirilen işler baradaky maglumatlar hem beýan edildi. Habar berlişi ýaly, hukuk bozulmalaryny eden raýatlara milli kanunçylyga laýyklykda degişli çäreler görüldi.

Soňra Döwlet serhet gullugynyň başlygy, Adalat ministri, Döwlet gümrük gullugynyň başlygy, Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygy öňde goýlan wezipeleri üstünlikli çözmek boýunça ýylyň başyndan bäri amala aşyrylan çäreler barada hasabat berdi.

Hasabat döwründe şu ýylyň bäş aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, ýurdumyzyň serhetlerini goramak boýunça görlen toplumlaýyn çäreler, düzümleriň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin döwrebap tehniki serişdeler bilen üpjün etmek meseleleriniň durmuşa geçirilişi barada aýdyldy. Şeýle-de garalýan döwürde degişli edaralary ösdürmegiň Maksatnamasyny ýerine ýetirmek, onuň işini kämilleşdirmek, işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça görlen çäreler barada hasabat berildi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, harby we hukuk goraýjy edaralaryň ýolbaşçylaryna anyk tabşyryklary berdi.

Döwletimiziň diňe goranyş häsiýetine eýe bolan Harby doktrinasynyň düzgünleri takyk ýerine ýetirilmelidir. Kanunyň hökmürowanlygyny üpjün etmäge, raýatlaryň hukuklaryny, azatlyklaryny, jemgyýetiň hem-de döwletiň bähbitlerini goramaga gönükdirilen çäreler dowam etdirilmelidir. Garaşsyz döwletimiziň serhetleri goňşy ýurtlaryň ähli bilen hemişe dostlugyň serhetleri bolmagynda galmalydyr we şol bir wagtda serhet galalary döwrebaplaşdyrylyp, Watan goragçylarynyň netijeli gulluk etmegi üçin göwnejaý şertler döredilmelidir. Ilatyň hukuk sowatlylygyny ýokarlandyrmak, kabul edilýän kanunlaryň many-mazmunyny düşündirmek, işiň täze usullaryny ornaşdyrmak işleri yzygider alnyp barylmalydyr. Gümrük serhedi arkaly harytlaryň daşalmagynyň we ulag serişdeleriniň gatnawlarynyň tertibiniň berjaý edilişi berk gözegçilikde saklanmalydyr.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy, wezipe borçlaryny talabalaýyk ýerine ýetirmän, işde goýberen kemçilikleri üçin, Döwlet gümrük gullugynyň başlygy M.Hudaýkulyýewe berk käýinç yglan etdi.

Mejlisiň ahyrynda Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow oňa gatnaşanlara halkymyzyň parahat, bagtyýar durmuşynyň bähbidine alyp barýan jogapkärli işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

***Iýun aýynyň 10-na hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda şu ýylyň bäş aýynda ykdysadyýetimiziň pudaklarynda alnyp barlan işleriň jemleri jemlenildi, resminamalaryň taýýarlanan taslamalaryna garaldy we döwlet durmuşynyň käbir meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.***

### Kanunçykaryjylyk ulgamynda

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy şu ýylyň bäş aýynda milli parlament tarapyndan ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada maglumat berdi. Hasabat döwründe Mejlisiň maslahatlarynyň ikisiniň geçirilip, Türkmenistanyň Kanunlarynyň 12-si, şol sanda Konstitusion kanunlaryň 3-si we Mejlisiň kararlarynyň 27-si kabul edildi. «Türkmenistanyň Konstitusiýasyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda»,«Türkmenistanyň Halk Maslahaty hakynda» we «Türkmen halkynyň Milli Lideri hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanunlary umumyhalk maslahatynda makullanyldy.

Kabul edilen hukuk namalarynyň hatarynda «Türkmenistanyň Mejlisi hakynda», «Türkmenistanyň käbir kanunçylyk namalaryna üýtgetmeler girizmek hakynda», «Arkadag şäheri hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary bar. Mundan başga-da, ýaşaýyş jaýlarynyň we gozgalmaýan emläge degişli başga obýektleriň paýly gurluşygy, şähergurluşyk işi, işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak bilen bagly kanunlara üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi. Olarda häzirki wagtda Mejlisiň iş toparlary tarapyndan Raýat kodeksini, harby borçlulyk we harby gulluk, gidrometeorologiýa işi hakyndaky hukuk namalaryny döwrebaplaşdyrmaga gönükdirilen hem-de beýleki kanunlaryň taslamalaryny taýýarlamak işleri alnyp barylýar diýlip bellenilýär.

### Ykdysadyýetde

Maksatnamalaýyn çäreleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegi bilen, ýanwar — maý aýlarynyň netijeleri boýunça jemi içerki önümiň durnukly ösüşi üpjün edildi.

— Bölek-satuw haryt dolanyşygynyň möçberi, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 9,3 göterim, daşary söwda dolanyşygynyň möçberi bolsa 7,2 göterim ýokarlandy. 2023-nji ýylyň ýanwar — maý aýlarynyň jemleri boýunça Döwlet býujetiniň girdeji bölegi 113,3 göterim, çykdajy bölegi 97,6 göterim ýerine ýetirildi.

Ýurdumyzyň iri we orta kärhanalarynda ortaça aýlyk zähmet haky, geçen ýylyň degişli döwrüne garanyňda, 9,9 göterim köpeldi. Zähmet haklary, pensiýalar, döwlet kömek pullary, talyp haklary öz wagtynda maliýeleşdirildi. Maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna özleşdirilen düýpli maýa goýumlaryň möçberi, 2022-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 27,7 göterim artdy. Bellenilişi ýaly, şu ýylyň başyndan bäri Oba milli maksatnamasyny durmuşa geçirmegiň çäklerinde ýurdumyz boýunça durmuş maksatly binalaryň we desgalaryň, ýaşaýyş jaýlarynyň, suw, lagym arassalaýjy desgalaryň, inženerçilik ulgamlarynyň gurluşyklary alnyp baryldy — diýlip, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň ykdysadyýet toplumyna gözegçilik edýän orunbasarynyň 2023-nji ýylyň bäş aýynyň makroykdysady görkezijileri baradaky hasabatynda aýdylýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, toplumyň öňünde duran möhüm wezipeleriň birnäçesine ünsi çekdi we wise-premýere bu babatda birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

### Nebitgazda

Şu ýylyň ýanwar — maý aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri, nebiti gaz kondensaty bilen çykarmak, çalgy ýaglaryny öndürmek boýunça gazanylan tehniki-ykdysady görkezijiler barada «Türkmennebit» döwlet konserni tarapyndan nebit bilen üpjün etmegiň meýilnamasy 101,7 göterim, nebiti gaýtadan işlemegiň meýilnamasy 102,6 göterim, benzin öndürmegiň meýilnamasy 111,9 göterim, dizel ýangyjyny öndürmegiň meýilnamasy 107,5 göterim, polipropilen öndürmegiň meýilnamasy 110,5 göterim, suwuklandyrylan gazy öndürmegiň meýilnamasy 113,6 göterim ýerine ýetirildi. Hasabat döwründe tebigy we ugurdaş gazy çykarmagyň meýilnamasy 107,4 göterim ýerine ýetirildi, "mawy ýangyjy" eksport etmegiň meýilnamasy 109,9 göterim berjaý edildi diýlip, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň nebitgaz ulgamyna gözegçilik edýän orunbasarynyň hasabatynda görkezilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabat bilen tanyş bolup, wise-premýere nebitgaz pudagynyň önümçilik kärhanalaryny taslama kuwwatlyklaryna çykarmak hem-de bu pudagyň meýilnamalaýyn işleriniň ýerine ýetirilişini gözegçilikde saklamak babatda anyk tabşyryklary berdi.

Mundan başga-da, Hökümet maslahatynyň barşynda oba hojalygynda, Ulag-aragatnaşykda, söwda we dokma toplumlarynyň ministrlikleriniň, gurluşyk-senagatda we energetikada pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, telekeçilik, medeniýet, ylym, bilim, saglygy goraýyş we derman senagaty, sport, ulgamlarynda, daşary syýasatda 2023-nji ýylyň ýanwar — maý aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabatlar diňlenildi. Olar babatda degişli çözgütler kabul edildi. Mejlisiň barşynda Türkmenistanyň ýaşlarynyň arasynda ylmy işler boýunça geçirilen bäsleşigiň jemleri baradaky Kararyň taslamasy döwlet Baştutanymyzyň garamagyna hödürlenildi. Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, degişli Karara gol çekdi we ony sanly ulgam arkaly wise-premýere ugratdy hem-de bu ugurda alnyp barylýan işleri yzygiderli gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ BALKAN WELAÝATYNA IŞ SAPARY

***13-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyzyň günbatar sebitine iş saparyny amala aşyryp, welaýatlary durmuşykdysady taýdan ösdürmegiň döwlet maksatnamasynyň durmuşa geçirilişi hem-de galla oragynyň depgini bilen tanyşdy.***

Ir bilen hormatly Prezidentimiziň paýtagtymyzdan Balkan welaýatyna tarap uguralan dikuçary Gyzylarbat etrabyndaky «Batly-Gadam» hususy kärhanasynyň bugdaý meýdanynyň ýanynda gondy. Bu ýerde hormatly Prezidentimizi Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň oba hojalyk toplumyna gözegçilik edýän orunbasary A.Ýazmyradow we Balkan welaýatynyň häkimi T.Atahallyýew mähirli garşylady.

Döwlet Baştutanymyz bu ýerde «Batly-Gadam» hususy kärhanasynyň ekerançylyk meýdanynyň daýhany G.Amanmyradow bilen söhbetdeş boldy. Hormatly Prezidentimiz daýhanyň iş şertleri, maşgala ýagdaýy we kärende ýerinde ösdürip ýetişdirýän ekinleriniň görnüşi hem-de galla meýdanlarynyň hasyllylygy bilen gyzyklandy.

Gallaçy daýhan ýerden bol hasyl almak ugrunda çekýän zähmetinde döwlet tarapyndan ähli zerur goldawlaryň berilýändigi üçin hormatly Prezidentimize hem-de Gahryman Arkadagymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi.

Arkadagly Serdarymyz ýurdumyzda azyk bolçulygynyň döredilmegine mynasyp goşant goşýan daýhanlaryň iş şertleriniň yzygiderli gowulandyrylmagy, pudaga täzeçil tehnologiýalaryň, häzirki zaman ylmynyň gazananlarynyň ornaşdyrylmagy, iň esasysy bolsa, daýhan zähmetiniň höweslendirilmegi bilen baglanyşykly meseleleriň elmydama gözegçilikde saklanjakdygyny aýtdy.

Döwlet Baştutanymyz daýhana alyp barýan işlerinde mundan beýläk-de üstünlik arzuw etdi hem-de ýurdumyzda azyk bolçulygynyň üpjün edilmegine goşýan goşandyna minnetdarlygyň nyşany hökmünde oňa sowgatlaryny gowşurdy.

Öz nobatynda, ekerançy G.Amanmyradow hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, ekerançylyk meýdanlaryny netijeli peýdalanmak ugrunda döredilýän şertleriň daýhanlary zähmet ýeňişlerine, täze üstünliklere ruhlandyrýandygyny buýsanç bilen belledi.

Soňra döwlet Baştutanymyz kärendeçiniň haýyşy boýunça «Bismilla» diýip, birkemsiz hasyl toplan bugdaýyň bir dessesini orup, galla oragyna ak pata berdi.

Hormatly Prezidentimiz Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň Balkan welaýat Oba hojalyk önümçilik birleşiginiň Gyzylarbat etrap tehniki hyzmat ediş kärhanasynyň mehanizatory S.Ödäýew bilen gürrüňdeş bolanda, onuň iş şertleri we tejribesi, maşgala ýagdaýy, bugdaý meýdanlarynyň hasyllylygy bilen gyzyklandy.

Mehanizator Arkadagly Serdarymyza netijeli işlemek hem-de ýetişdirilen bol bugdaý hasylyny çalt we ýitgisiz ýygnap almak üçin döredilýän amatly şertler üçin hoşallyk bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz durmuşa geçirilýän oňyn özgertmeleriň netijesinde, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň obasenagat toplumynda belent sepgitlere ýetilýändigini nygtady.

Döwlet Baştutanymyz çekýän asylly zähmetine minnetdarlygyň nyşany hökmünde mehanizatora öz sowgatlaryny gowşurdy.

Mehanizator öndürijilikli zähmet çekmek ugrunda döredilýän şertleriň täze üstünliklere ruhlandyrýandygyny we mundan beýläk-de halal zähmetini gaýgyrmajakdygyny aýdyp, hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallyk sözlerini beýan etdi hem-de eziz Watanymyzyň gülläp ösmeginiň bähbidine geljekde-de tutanýerli zähmet çekjekdigine ynandyrdy.

Soňra hormatly Prezidentimiz oba hojalygynda netijeli iş alyp barýan «Batly-Gadam» hususy kärhanasynyň ýolbaşçysy A.Amanmämmedow bilen söhbetdeş boldy. Döwlet Baştutanymyz häzirki döwürde öndürilýän obasenagat önümleriniň mukdarynyň artýandygyny kanagatlanma bilen belledi we telekeçileriň iş netijeliligini ýokarlandyrmak üçin olara döwletimiz tarapyndan zerur goldawlaryň yzygiderli beriljekdigini nygtady.

Telekeçi türkmen işewürlerine berýän uly goldawy üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, hormatly Prezidentimizi öňde duran wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegi ugrunda ähli zerur tagallalary etjekdigine ynandyrdy.

Şeýle hem bu ýerde gök, bakja we miwe önümleriniň, dänelik ekinleriň tohumlarynyň, çörek we çörek önümleriniň sergisi guraldy.

Hormatly Prezidentimiz hemmelere alyp barýan işlerinde üstünlikleri arzuw edip, bu ýerden ugrady.

***Президент Туркменистана направил соболезнования Президенту Республики Казахстан***

Президент Сердар Бердымухамедов направил глубокие соболезнования Президенту Республики Казахстан Касым-Жомарту Токаеву в связи с масштабными лесными пожарами, возникшими в Абайской области страны и повлекшими за собой человеческие жертвы.

От имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично глава государства передал слова глубокого сопереживания и поддержки родным и близким погибших и пожелания скорейшего восстановления пострадавших территорий.

* * *

***Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана направил соболезнования Президенту Республики Казахстан***

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов направил глубокие соболезнования Президенту Республики Казахстан Касым-Жомарту Токаеву, отметив в послании, что с глубокой скорбью воспринял известие о масштабных лесных пожарах в Абайской области страны, повлекших за собой человеческие жертвы.

«В этот трудный момент мы разделяем с Вами горечь невосполнимых потерь», – подчеркнул Герой-Аркадаг, передав слова глубокого сопереживания и поддержки родным и близким погибших, а пострадавшим районам – скорейшего возвращения к благополучной жизни.

* * *

***Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана направил соболезнования Президенту Итальянской Республики***

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов направил глубокие соболезнования Президенту Итальянской Республики господину Серджо Маттарелле в связи с кончиной экс-Премьер-министра Италии Сильвио Берлускони.

Как отмечается в послании, будучи видным политиком и государственным деятелем, Сильвио Берлускони внёс значительный вклад в продвижение Италии по пути прогресса, укрепление уз дружбы с Туркменистаном.

Герой-Аркадаг адресовал слова искреннего сопереживания и поддержки в этот тяжёлый момент членам семьи, родным и близким усопшего, а также дружественному народу Италии.

Интернет газета
Международные новости



# WENGRIÝANYŇ PREMÝER-MINISTRI BILEN DUŞUŞYK

***8-nji iýunda Wengriýanyň Premýer-ministri Wiktor Orbanyň Türkmenistana iki günlük resmi sapary başlandy.***

Aşgabadyň Halkara howa menzilinde Wengriýanyň Hökümetiniň Baştutanyny resmi adamlar garşyladylar. Garşylamak dabarasynda Hormat garawuly nyzama düzülip, milli lybasly oglan bilen gyz belent mertebeli myhmana duz-çörek hödürledi, gül dessesini gowşurdy.

Şol günüň ikinji ýarymynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Wengriýanyň Hökümetiniň Baştutany bilen duşuşdy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri we Wengriýanyň Premýer-ministri mähirli salamlaşyp, iki ýurduň Döwlet baýdaklarynyň öňünde bilelikde ýadygärlik surata düşdüler.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy belent mertebeli myhmany myhmansöýer türkmen topragynda mübärekläp, ýurdumyza uly wekiliýet bilen gelip görmek baradaky çakylygy kabul edendigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi.

Wiktor Orban türkmen topragynda mähirli kabul edilendigi we myhmansöýerlik üçin hoşallyk bildirip, hemişelik Bitarap Türkmenistana gelip görmek mümkinçiligine örän şatdygyny nygtady.

Söhbetdeşligiň barşynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy we dostlukly ýurduň Hökümetiniň Baştutany özara gyzyklanma bildirilýän giň ugurlar boýunça türkmen-wenger hyzmatdaşlygynyň häzirki ýagdaýy, ony mundan beýläk-de ösdürmegiň geljegi barada pikir alyşdylar.

Duşuşygyň dowamynda aýry-aýry möhüm ugurlara aýratyn üns berildi. Türkmen halkynyň Milli Lideriniň pikirine görä, syýasy-diplomatik ulgamda halkara giňişlikde, ilkinji nobatda, BMG-niň we beýleki abraýly guramalaryň çäklerinde ählumumy parahatçylygyň, adamzadyň abadançylygynyň bähbidine Türkmenistanyň we Wengriýanyň başlangyçlaryny ilerletmek boýunça tagallalary utgaşdyrmak maksady bilen, daşary syýasat edaralarynyň özara gatnaşyklaryny dowam etdirmek zerurdyr.

Halk Maslahatynyň Başlygy energetika barada aýdyp, energiýa serişdelerini ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirmek, durnukly ösüşi hem-de halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň orny bilen bagly meselelerde iki ýurduň garaýyşlarynyň gabat gelýändigini belledi.

Bellenilişi ýaly, tebigy gazyň ägirt uly gorlaryna eýe bolan Türkmenistan özara bähbitli hyzmatdaşlyk üçin açykdyr we bu meseläni has içgin ara alyp maslahatlaşmaga taýýardyr. Amatly geografik ýagdaýa eýe bolan ýurdumyz ulag ulgamynda hem özara gatnaşyklara, degişli kommunikasiýa düzümini giňeltmäge, üstaşyr ulag geçelgeleri, ilkinji nobatda, Gündogar — Günbatar ugry boýunça geçelgeleri döretmäge uly ähmiýet berýär.

Wengriýanyň uly tejribesini nazara almak bilen, saglygy goraýyş ulgamy, hususan-da, derman senagaty hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar.

Medeni-ynsanperwer ulgam ikitaraplaýyn gatnaşyklarda möhüm orny eýeleýär. Iki dostlukly halkyň taryhy taýdan ýakynlygy medeniýet we sungat ulgamlarynda işjeň hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin amatly binýady emele getirýär.

Bilim ulgamyny ösdürmek Türkmenistan üçin hem ileri tutulýan ugur bolup durýar. Sport ýaly möhüm ugurda-da biz netijeli hyzmatdaşlygy ýola goýup bileris diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri aýtdy. Gahryman Arkadagymyz ýola goýlan türkmen-wenger hyzmatdaşlygynyň mundan beýläk-de üstünlikli dowam etdiriljekdigine ynam bildirdi. Wiktor Orbana berk jan saglyk, döwlet işinde üstünlikleri, Wengriýanyň halkyna bolsa abadançylyk, rowaçlyk arzuw etdi.

Belent mertebeli myhman mähirli kabul edilendigi hem-de türkmen tarapynyň döwletara gatnaşyklary deňhukuklylyk, ynanyşmak we özara hormat goýmak esasynda guramaga netijeli çemeleşmesi üçin ýene-de bir gezek hoşallyk bildirip, doganlyk türkmen halkyna bagtyýarlyk, parahatçylyk, abadançylyk arzuw etdi.

# ADATDAN DAŞARY WE DOLY YGTYÝARLY ILÇI KABUL EDILDI

***2023-nji ýylyň 12-nji iýunynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Koreýa Respublikasynyň Türkmenistanda täze bellenen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Ji Kýu-Tegi kabul etdi. Ol döwlet Baştutanymyza ynanç hatyny gowşurdy.***

Diplomat wagt tapyp kabul edendigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, hormatly Prezidentimize Koreýa Respublikasynyň Prezidenti Ýun Sok Ýoluň aýdan mähirli salamyny we tutuş türkmen halkyna ýollan iň gowy arzuwlaryny ýetirdi. Şunda koreý tarapynyň özara hormat goýmak, ynanyşmak, netijeli hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan däp bolan döwletara gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmaga gyzyklanmalary beýan edildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, dostlukly ýurduň doly ygtyýarly wekilini jogapkärli wezipä bellenilmegi bilen gutlady hem-de türkmen-koreý gatnaşyklaryny mundan beýläk-de ösdürmegiň bähbitlerine gönükdirilen diplomatik işinde uly üstünlikleri arzuw etdi. Döwlet Baştutanymyz Prezident Ýun Sok Ýoluň adyna iň gowy arzuwlaryny beýan edip, Türkmenistanyň Koreýa Respublikasy bilen dürli ugurlarda okgunly ilerledilmäge gönükdirilen hyzmatdaşlygyň derejesine ýokary baha berýändigini belledi.

Duşuşygyň dowamynda döwletara gatnaşyklaryň ikitaraplaýyn görnüşde, şeýle hem abraýly halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde ýola goýulýan hyzmatdaşlygyň sazlaşykly ösüşe eýedigi nygtaldy. Dünýäde parahatçylygy, durnukly ösüşi üpjün etmek, ählumumy gün tertibiniň beýleki möhüm meseleleri boýunça garaýyşlaryň meňzeşdigi ýa-da ýakyn bolmagy halkara giňişlikdäki özara gatnaşyklary netijeli utgaşdyrmak üçin ygtybarly esas bolup hyzmat edýär. Mundan başga-da, "Merkezi Aziýa — Koreýa Respublikasy" hyzmatdaşlyk forumynyň çäklerinde köpugurly esasda ýola goýulýan gatnaşyklaryň netijeli häsiýete eýedigi bellenildi. Soňky ýyllarda parlamentara hyzmatdaşlyk işjeňleşdirilip, köpugurly türkmen-koreý gatnaşyklarynyň üstüni ýetirýär.



Söwda-ykdysady ulgamdaky ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk yzygiderli we uzak möhletleýin häsiýete eýedir. Şunuň bilen baglylykda, Koreýa Respublikasy Türkmenistanyň möhüm ykdysady hyzmatdaşlarynyň biri bolup durýar. Köp ýyllaryň dowamynda iri koreý kompaniýalary ýurdumyzyň gaz pudagynda, himiýa senagatynda dürli taslamalaryň durmuşa geçirilmegine işjeň gatnaşdylar. Türkmenistanda Koreýa Respublikasynda öndürilen awtoulaglar we ýörite tehnikalar giňden ulanylýar. Ýurdumyzda amala aşyrylýan özgertmeler we kabul edilen giň möçberli maksatnamalar özara bähbitli türkmen-koreý söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de işjeňleşdirmek üçin giň mümkinçilikleri açýar.

Medeni-ynsanperwer ulgamdaky hyzmatdaşlygyň döwletara gatna-şyklary berkitmekde möhüm orny eýeleýändigi bellenildi. Bu bolsa halklaryň ýakynlaşmagyny, medeniýetleriň özara baýlaşmagyny şertlendirýär. Şunuň bilen baglylykda, bilim, medeniýet, sport, syýahatçylyk we saglygy goraýyş ulgamynda gatnaşyklaryň dowam etdirilmegine aýratyn ähmiýet berilýär.

Diplomat mähirli kabul edilendigi we netijeli gepleşikler üçin döwlet Baştutanymyza hoşallyk bildirip, öz üstüne ýüklenen wezipäni ýerine ýetirmek, iki ýurduň we olaryň halklarynyň bähbidine laýyk gelýän türkmen-koreý hyzmatdaşlygynyň berkidilmegine hemmetaraplaýyn ýardam bermek ugrunda ähli güýç-gaýratyny gaýgyrmajakdygyna ynandyrdy.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we Koreýa Respublikasynyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Ji Kýu-Tek däp bolan dostlukly döwletara gatnaşyklaryň täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylyp, mundan beýläk-de üstünlikli ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

## ПОЗДРАВЛЕНИЯ

### *Президент Туркменистана поздравил Руководство Российской Федерации*

*Президент Сердар Бердымухамедов от имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Российской Федерации Владимиру Путину, Председателю Правительства Российской Федерации Михаилу Мишустину и всему народу страны по случаю Дня России.*

*«Отношения между Туркменистаном и Российской Федерацией основываются на прочных узах дружбы и добрососедства. В настоящее время традиционный межгосударственный диалог успешно развивается по широкому спектру направлений. Поддерживается конструктивный диалог на правительственном уровне, что способствует своевременному решению поставленных задач», – подчеркнул Президент Туркменистана, выразив уверенность, что в результате совместных усилий стратегическое туркмено-российское партнёрство будет и впредь динамично развиваться и углубляться в духе взаимовыгодного сотрудничества на благо наших стран и народов.*

*Глава государства выразил Президенту Владимиру Путину и Председателю Правительства Михаилу Мишустину пожелания крепкого здоровья, счастья и успехов, а дружественному народу Российской Федерации – благополучия, дальнейшего прогресса и процветания.*

### *Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана поздравил Президента Российской Федерации*

*Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов направил сердечные поздравления Президенту Российской Федерации Владимиру Путину и дружественному народу страны по случаю знаменательного праздника – Дня России.*

*«Отрадно отметить существующий высокий уровень туркмено-российских отношений, которые постоянно крепнут и развиваются по различным направлениям, включая политическую, торгово-экономическую, социальную, культурно-гуманитарную сферы. Неизменная приверженность Туркменистана и России дальнейшему расширению межгосударственного диалога отвечает интересам общего благополучия», – отмечается в послании.*

*Герой-Аркадаг выразил Президенту Владимиру Путину искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и успехов, а всему народу Российской Федерации – прогресса и процветания.*

### *Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана поздравил Председателя Совета Федерации Федерального Собрания Российской Федерации*

*Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов направил сердечные поздравления Председателю Совета Федерации Федерального Собрания Российской Федерации г-же Валентине Матвиенко и всему дружественному народу страны по случаю большого государственного праздника – Дня России.*

*«Сложившийся высокий уровень взаимоотношений между нашими странами высоко ценят в Туркменистане. Твёрдо убеждён в дальнейшем поступательном развитии и укреплении туркмено-российского сотрудничества во благо наших народов», – подчёркивается в послании.*

*Пользуясь этой приятной возможностью, Герой-Аркадаг выразил Председателю Совета Федерации Федерального Собрания Российской Федерации г-же Валентине Матвиенко искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и успехов, а дружественному народу Российской Федерации – благополучия и прогресса.*

Интернет газета
Международные новости

# ТУРКМЕНИСТАН И ООН ПОДТВЕРЖДАЮТ КУРС НА ДАЛЬНЕЙШЕЕ УКРЕПЛЕНИЕ СОТРУДНИЧЕСТВА

***8 июня 2023 года в формате видеоконференции состоялась встреча министра иностранных дел Туркменистана Рашида Мередова с руководителями агентств ООН в Туркменистане и региональных агентств данной Организации.***

Во встрече приняли участие Региональный директор Управления ООН по координации деятельности



в целях развития (UNDCO) по Европе и Центральной Азии Г.Йоп-Сон, Директор кластерного офиса ЮНЕСКО в Тегеране Г.Эль Хури, Региональный представитель УВКБ ООН по Центральной Азии Х. Фридрих Шоддер, Представитель Европейского регионального Управления ООН по снижению риска бедствий (УСРБ ООН) А.Мухидов, Постоянный координатор ООН в Туркменистане Д.Шлапаченко и руководящие представители страновых офисов ООН в Туркменистане: ПРООН, УНП ООН, ЮНФПА, ЮНИСЕФ, ВОЗ, в том числе и Регионального центра ООН по превентивной дипломатии для Центральной Азии.

В ходе встречи стороны рассмотрели широкий спектр вопросов в контексте активного взаимодействия Туркменистана с Организацией Объединённых Наций.

В своем выступлении Р.Мередов подчеркнул, что сотрудничество с ООН и ее структурными подразделениями является приоритетным вектором внешней политики нашей страны и выразил стремление Правительства Туркменистана к дальнейшему углублению многопланового сотрудничества с Организацией в деле укрепления мира и безопасности, выполнения Целей Устойчивого Развития, развития устойчивого транспорта, борьбе с изменением климата и ряде других направлений.

В рамках обсуждения выдвигаемых инициатив Туркменистана на международных площадках и реализации национальных программ и планов, подчеркнута роль резолюций, принятых ГА ООН и ее структурными подразделениями, инициатором которых выступила наша страна. В частности, отмечались резолюции «Роль Регионального центра ООН по превентивной дипломатии для Центральной Азии» от 24 февраля 2023 года, «Центральная Азия – зона мира, доверия и сотрудничества» от 28 июля 2022 года, «Всемирный день устойчивого транспорта» от 16 мая 2023 года, «Рассмотрение условий создания Специальной программы Организации Объединенных Наций для бассейна Аральского моря» от 19 мая 2023 года, и другие.

В процессе переговоров состоялся обмен мнениями по перспективам сотрудничества Туркменистана со специализированными структурами ООН в таких направлениях как устойчивое развитие, цифровизация, устойчивый транспорт, изменение климата и защита окружающей среды, а также задачи по сокращению выбросов парниковых газов и метана, рациональное использование водных ресурсов, гуманитарное измерение, включая аспекты прав человека, решение вопросов беженцев и лиц без гражданства, сохранение национального культурного наследия, в том числе и нематериального культурного наследия человечества, применение и внедрение лучших практик в системе образования и здравоохранения, включая борьбу с неинфекционными заболеваниями и инициативы по единому здоровью.

В продолжение беседы Туркменская сторона выступила с предложением рассмотреть возможность раскрытия новых направлений взаимодействия. В частности, была выражена готовность к расширению сотрудничества с ООН, а именно увеличению представленности организации и её структур в Туркменистане. В данном контексте было уделено отдельное внимание проводимой работе по обозначенной тематике.

В своих выступлениях руководители подразделений ООН проинформировали о ведущейся совместной работе с Правительством Туркменистана, поддержали рекомендации Туркменской стороны касательно поиска новых путей взаимодействия, и поделились своими идеями и предложениями в данном направлении.

Также на встрече был рассмотрен график предстоящих встреч и совместных запланированных мероприятий.

По итогам встречи стороны договорились усилить деятельность специализированных программ ООН в Туркменистане, в том числе и в регионе Центральной Азии.



# Meeting with the OSCE High Commissioner on National Minorities

On June 13, 2023, the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov held talks with the OSCE High Commissioner on National Minorities Kairat Abdrakhmanov, who arrived in Ashgabat on a working visit.

During the meeting, the current state and prospects for joint work within the human dimension of the OSCE, including the mandate of the High Commissioner on National Minorities, were discussed.

R.Meredov stressed that in recent years, cooperation between Turkmenistan and the Office of the High Commissioner has reached a new level and acquired a systemic and consistent character.

The sphere of education has been singled out as a priority area of cooperation. In this context, an important step was the signing in April 2021 of the Memorandum of Cooperation between the Ministry of Education of Turkmenistan and the Office of the OSCE High Commissioner on National Minorities on cooperation on linguistic and cultural diversity in Turkmenistan.

In order to implement the Memorandum, it was proposed to continue active interaction with the Office of the High Commissioner within the framework of the Educational Program in Central Asia, the fourth phase of which ends in December this year. The project aims to assist in achieving significant progress towards the deep integration of various ethnic communities in Central Asia through the improvement of educational level.

The parties agreed to develop a Roadmap for the implementation of this Memorandum for 2023-2025.

Cooperation within the framework of the National Action Plan for Human Rights in Turkmenistan for 2021-2025, adopted in 2021, was designated as another promising area of interaction.

The parties also exchanged views on the agenda of the upcoming round table in Ashgabat on June 15 "OSCE Best Practices in the Effective Participation of National Minorities in Consultative Mechanisms".

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***Состоялась встреча Посла Туркменистана во Франции с Директором института информационных технологий в образовании ЮНЕСКО***

9 июня 2023 года, состоялась встреча Посла, Постоянного представителя Туркменистана при ЮНЕСКО Максата Чарыева с Директором Института информационных технологий в образовании ЮНЕСКО Тао Жаном.

В ходе встречи обсуждались различные темы, в том числе, важность включения информационных технологий в учебные программы и необходимость разработки комплексных программ цифровой грамотности.

Директор Тао Жань высоко оценил стремление Туркменистана расширить образовательные возможности с помощью технологий. В завершении встречи обе стороны выразили приверженность укреплению сотрудничества в области информационных технологий в области образования.

***Научные круги Кореи проявляют интерес к жизни и творчеству поэта-классика Махтумкули Фраги***

9 июня 2023 года Посольством Туркменистана в Республике Корея была организована совместная туркмено-корейская международная научно-творческая онлайн-конференция «Махтумкули Фраги и мировые ценности», посвященная 300-летию со дня рождения поэта-классика Махтумкули Фраги.

В мероприятии приняли участие руководители, профессора и специалисты университета Ханянг, Корейского института исследований евразийской политики, университета Пэджэ, Национального университета Чонгнам, Сеульского национального университета, университета Инха, университета иностранных языков Ханкук, университета Кукмин, а также научные сотрудники Академии наук Туркменистана.

В своих выступлениях участники конференции подчеркнули, что перевод поэтических сборников поэта на корейский язык и другие языки мира, окажут международному научному сообществу значительную поддержку в изучении туркменской истории и литературы.

***В Узбекистане прошёл диалог-конференция на тему «Всемирная слава Махтумкули»***

8-10 июня 2023 года в рамках мероприятий, посвященных 300-летию со дня рождения великого мыслителя и поэта-классика Востока Махтумкули Фраги в Бухарской области Республики Узбекистан состоялся диалог-конференция на тему «Всемирная слава Махтумкули».

В церемонии принимали участие посол Туркменистана в Республике Узбекистан Я.Мамедов, ответственный секретарь Национальной Комиссии Туркменистана по делам ЮНЕСКО Ч.Рустемова, хаким Бухарской области Б.Зарипов, руководители Туркменского культурного центра, профессорско-преподавательский состав и туркменские студенты высших учебных заведений, представители СМИ, а также представители туркменской диаспоры, проживающие на территории Бухарской области.

Участники мероприятия, подчеркнув значимость данной конференции, подтвердили, что творческое наследие знаменитого мастера слова Махтумкули Фраги, основанное на высоких гуманистических традициях, является бесценным достоянием не только тюркоязычных народов, но и всего человечества.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***